# Eziz Nesinden nusgalyk sözler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Eziz Nesinden nusgalyk sözler

EZIZ NESINDEN NUSGALYK SÖZLER

“1944-nji ýyl… Indi professional ýazyjylyga ýetdim, galam ujundan günümi dolaýan. Sedat Simawiniñ "Ýedi Gün" we "Karagöz"-ünde işleýärin. Hernä bir tötänlik bilen harby gulluga çagyryldym-da okap-ýazyp bilme bagtyna eýe bolaýdym, iñ bolmanda şeýdip ýazyjy boldum. Ýogsam ýazyjy bolasy gelip bolubilmän, emma özüni ýazyjydyr öýdýän, açgözlükleri we pes duýgulary sebäpli o dünýänin iñ ýaramaz adamlarynyñ biri bolar galardym. Ýazyjy boljak bolup, esgerlikden sypmak üçin birnäçe ýyllap atylan sapalaklar… Sekiz ýyllap gündogar we günbatar araçäkde edilen gulluk. Şol agyr şertlerde möhletinden öñ toý tutmak. Esgerlikden suduñ karary bilen boşadylyp, üç aý on gün türmede oturandan soñ işsiz we pulsuz galan günüm, baýamak üçin däl-de, ÝAZYJY bolmak üçin bu ýola giripdim”.
Eserleri dünýä edebiýatynyñ altyn hazynasyna giren belli satirik ýazyjy Eziz Nesin döredijilik dünýäsine gadam basyşyny, ynha, şeýle gürrüñ berýär.
Birem ýazyjynyñ familiýa edinşiniñ hekaýaty bardyr:
"1934-nji ýylda "Familiýalar hakyndaky" kanun çykdy. Her kimiñ öz familiýasyny özi saýlap almaga hukugy barlygy üçin adamlaryñ ähli pes duýgudyr oý-pikirleri orta çykdy duruberdi. Dünýäniñ iñ husytlary "Eliaçyk", dünýäniñ iñ züwwetdin gorkaklary "Ýürekli", dünýäniñ iñ işýakmaz ýaltalary "Işeññir" diýen ýaly familiýalary saýlap aldylar. Her sapar şular ýaly alan-aldy bolanda, iñ soñuna galýandygym üçin gowy familiýa alan-aldylygynda hem iliñ soñuna galdym. Maña iliñ ortasyna çykyp gaýşaryp gezer ýaly familiýa galmandygy üçin, özüme "Nesin" ("Näme sen?" "Kim sen?" -t.b.) diýen familiýany aldym. Goý, her kim maña "Nesin" diýip ýüzlenende, öz kimdigimi, nämedigimi aklyma aýlap, özüme geleýin, öz hetdimi tanap

duraýyn diýdim."

🙂

Hakykatçyllygyñ we danalygyñ iñ ajaýyp nusgasyna öwrülen Eziz Nesiniñ sözlerinden toplanan sözler siziñem göwnüñizden turar diýip tama edýäris.
* * *

– Arzuwym – kiçijik bir çaga "Meni nähili gowy görýäñ" diýende, onuñ eliniñ aýasyny iki ýana açyp "Ynha, şular ýaly!" diýip, günäsizje söýgini tapybilsem…

– Bir gün bu ýurduñ ýañajygna bir posa, başujuna-da bir bellik goýup başymy alyp giderin. Diýseñ süýji ukuda ýatyrdyñ welin, turuzmaga dözmedim diýerin…

– Ýaşan ömrümde boýuma deñleşip duran kitaplary ýazdym. Emma meni halamaýanlar, muña-da bir zat oýlap tapyp, "Onuñ boýy şeýle-de gysga ahyry" diýerler.

– Gorkamok diýýänler başgalaryñ öñünde ýalan sözleýärler, ýa-da özlerine ýalan sözläp öz-özlerini ynandyrýarlar, ýa-da özleri-de bilmän adam däldiklerini aýdýarlar.

– “Sen alawy däl, saña näme bolýar?” diýdi, menem "Sen adam däl ahwetin, saña nädip bi zatlary düşündireýin" diýdim.

– Adam diñe aýdýan zatlaryndan däl-de, dymýan zatlaryndanam jogapkärdir.

– "Meni çakmadyk ýylan müñ ýaşasyn" diýip ýaşadan ýylanlaryñyzyñ soñky pidasy özüñiz bolarsyñyz…

– Gaý-tupan hernäçe güýçli tursa-da, çarlak söýgüli deñzini asla terk edip gitmeýär.

– Işiñ kynynyñ üstüne git. Hemişe kyn zada ýapyş. Kyn işi edip oñarmasañam, iñ bolmanda oñarmaga synanşarsyñ, halys bolmasa añsadyny edersiñ.

– Ne ölüniñ yzyndan gürlener, ne-de gideniñ. Çünki yzyndan galanlar üçin ölen-ä öldi, gidenem gitdi…

– Iñ ajaýyp goşgy matematika bolsa gerek. Dünýäde henize çenli "Iki ikiñ dört bolar" ýaly ajaýyp setir ýazylan däldir diýip pikir edýärin.

– Belki-de, gujagyna dolar ýaly belli-külli bir söýgülimiz bolmady, belki-de biz ýalñyzdyrys… Emma şuny gowy bilmegiñizi isleýän: adam ýaly söýüp bilýänligimizdendir ýalñyzlygymyz…

– Biz – bir kagyzyñ arka we öñ tarapy ýaly. Müdimilik bile, emma hiç wagt bir-birimizi görüp bilemzok…

– Üşeýän bolsañ onda ýylylyk ýokdur, garañkylyk bar bolsa onda ýagtylyk ýokdur. Eger hemme ýer garañkylyk bolup, senem üşeýän bolsañ, onda OL ýokdur.

– Terk eden kişiniñ giden ýerinden gözleýän zadyny tapman, yzyna dolanyp "Seni göresim geldi" diýmesi, onuñ göresiniñ gelýänliginden däl-de, eşek deýin puşeýman bolanlygyndandyr.

– Ýalñyzlygyñam al-da, gel meniñ ýanyma! Gorkma, içimiz gysmaz. Seniñ  ýalñyzlygyñ meniñ ýalñyzlygym bilen ümmülleşer. Biz bolsa dymarys!!!

– Uzyn-uzyn nutuklary diñläp, irkilmäge öwrenşibem gidipsiñ. Sen şeýdip irkilip ýörseñ, dañ atar öýdüp pikir etme. Sen oýanýançañ körleñ ýurdunda çaşşy patyşa bolar.

– Durmuş bir synag bolýan bolsa, onda hiç arrygyñy gynama, adyñy ýaz-da çykda gaýdyber. Belki klasyñdan ýykarlar, emma adyñ aşagynda ap-ak sahypa goýarsyñ.

– Goý, başagajymyzam bolmasa bolmasyn, bir mekdebiñ howlusyna gömsünler bizi, çagalar ylgasyn üstümizde…

Toplan: Nurten Bengi AKSOÝ.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW.

* * *

■ Terjime edilende aşakdaky linklerden peýdalanyldy:

http://kitapcy.com/news/2019-09-22-8203
http://kitapcy.com/news/2018-06-29-804

Sözler